***Nusaý galasy gadymy Parfiýa şalygynyň medeniýetini, sungatyny özünde jemleýän gadymy şäher bolup, gözelligiň şa zenany adyny alan zenan — Rodoguna hem şu ýerde ýaşapdyr. Onuň gözelligi rowaýatlarda, ertekilerde we sungatda ýaşaýar. Nusaý galasyndan Parfiýa döwrüniň ýaşaýşyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme arhitektura desgalary tapyldy.***

Gadymy şäheriň özi Täze Nusaýyň harabalyklarynda ýerleşýär. Şäheriň daşyna parfiýalylar döwründe inli gala diwary salnypdyr, olaryň gönüburçly goranyş diňleri bolupdyr. Günorta böleginde gala diwarlary bilen daşy aýlanan belent içki gala ýerleşýär. Içki galada diwanhanalar, döwletiň däne ammarlary, begzadalaryň ýaşan jaýlary ýerleşipdir. Begzadalaryň ýaşan mähelleleri, köplenç, hut şäheriň öz çäklerinde ýerleşipdir. Onuň demirgazyk-günbatar böleginde, gala diwarlarynyň ýakynynda dini merkez ýerleşipdir. B.e.öň III-II asyrda bu ýerde owadan ybadathana salnypdyr, onuň daşy sütünli eýwanlar bilen gurşalypdyr, b.e.öň I asyrda bolsa bu ýerde uly gonamçylyklar emele gelip başlapdyr. Ilatyň gurpsyz gatlaklarynyň ýaşaýan jaýlary şäheriň demirgazyk böleginde ýerleşipdir. Ol jaýlaryň diwarlary laýdan salnypdyr, jaýyň ýeri palçyk bilen şirelenipdir.

Bu ajaýyp galanyň maglumatlary ady dünýäniň çar künjüne ýaýran Parfiýa şalygynyň şan-şöhratyndan habar berýär. Mermer paýtagtymyzyň bu şäheriň golaýynda bolmagy bolsa, Aşgabadyň arhitektura aýratynlygy bilen bir hatarda, onuň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen gadymy we şöhratly mekandygyny subut edýär.

Hakykatdan hem, dürli döwürlere degişli gymmatlyklarda ýüze çykýan maglumatlar arkaly siwilizasiýalar mekany hasaplanýan Türkmenistan bu günki gün gadymy taryhy bilen dünýäni haýran galdyrýar. Gadymy taryhy ýadygärliklerimizi öwrenmäge, olary dünýä ýaýmaga döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, işleri rowaç bolsun!

**Annanabat ORAZMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026